***Bilermenleriň bellemegine görä, dünýä daşary söwdasynda ýük gatnawynyň 80 göterimi deňiz ulagyna degişli. Çünki bürünç asyryndan häzirki güne çenli deňiz ulagy adamlary we ýükleri daşamagyň iň gadymy, iň amatly, iň howpsuz görnüşi hasaplanýar. Bu hakda söz açmak bilen, şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň ähmiýetine ünsi çekmek isleýäris.***

Suw ulaglarynyň Ýer ýüzüniň dörtden üç böleginde hereket etmäge ukyplydygy, dünýä döwletleriniň 120-siniň deňze çykalgasynyň bardygy bu ugurda giň halkara mümkinçilikleri döredýär. Şoňa görä-de, Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça her 10 ýyldan bir gezek guraýan nobatdaky maslahaty bu babatda ygtybarly gatnaşyklary ýola goýmaga, bar bolan meselelere ünsi çekmäge, anyk çözgütleri kabul etmäge ýardam berer.

Maslahat dünýä ilatynyň 7 göterimine golaýyny emele getirýän we 32 ýurtda ýaşaýan 570 milliondan gowrak ilatyň geljegi bilen gönüden-göni baglanyşykly örän möhüm duşuşyk bolmak bilen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň mümkinçiliklerini herekete getirip, olaryň hyzmatdaşlygy ilerletmegi maksat edinýär. 32 ýurduň 16-synyň Afrikada, 12-siniň Aziýada, 2-siniň Latyn Amerikasynda, 2-siniň Merkezi we Gündogar Ýewropada ýerleşýändigi bolsa ony bütindünýä ähmiýetli syýasy çärä öwürýär. Forumda innowasion çözgütleriň öňe sürülmeginiň, strategik hyzmatdaşlygyň ilerledilip, maýa goýumlaryň artdyrylmagynyň bar bolan meseleleri çözmäge, täze mümkinçilikleri açmaga ýardam etjekdigi şübhesizdir.

**Meýlis GARADURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026